**8. «Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrliginiň Çöller, ösümlik we haýwanat dünýäsi milli instituty bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Ylymlar akademiýasynyň Sinszýan ekologiýa we geografiýa institutynyň arasyndaky hyzmatdaşlyk barada Ylalaşyk»**

**Gol çekilen senesi: 2024-nji ýylyň 10-njy sentýabry**

**Umumy maglumat:**

Türkmenistanyň Daşky gurşawy goramak ministrligi bilen Hytaý Halk Respublikasynyň Ylymy akademiýasynyň Sinszýan ekologiýa we geografiýa institutynyň arasynda hyzmatdaşlyk baradaky Ylalaşyk, Merkezi Aziýada we Hytaýda daşky gurşaw meselelerine çözgüt tapmak we durnukly ösüş maksatlaryny durmuşa geçirmek üçin esas bolup durýar. Ylalaşyk bilelikdäki ylmy gözlegleri geçirmek, maglumat alyşmak, ylmy-tehniki ösüşleri durmuşa geçirmek we sebitleýin hyzmatdaşlygy güýçlendirmek ýaly ugurlary öz içine alýar.

**Esasy maksady:**

Ylalaşygyň esasy maksady, Merkezi Aziýa we Hytaý sebitlerinde daşky gurşawy goramak we durnukly ösüşi üpjün etmek boýunça bilelikdäki ylmy we tehniki hyzmatdaşlygy ösdürmekden ybaratdyr. Bu maksat daşky gurşawy goramak, çölleşmä garşy göreşmek, ýerleriň zaýalanmagynyň öňüni almak, tokaýlaryň çapylmagyny azaltmak, suw serişdelerini tygşytly ulanmak we biodürlüligi gorap saklamak ýaly ugurlary öz içine alýar.

Şeýle hem, Ylalaşyk Aral deňziniň guramagynyň sebitdäki ekologiýa we ykdysady şertlere ýetirýän zyýanly täsirlerini azaltmaga, howanyň üýtgemegine uýgunlaşmak we onuň täsirini peseltmek üçin täze tehnologiýalary ornaşdyrmaga, şeýle-de ylmy gözlegler we tejribeleri iş ýüzünde durmuşa geçirmek arkaly durnukly ösüş maksatlaryna ýetmäge gönükdirilendir. Taraplaryň bu hyzmatdaşlygy bilelikdäki ylmy işleriň netijeliligini ýokarlandyrmak, ylmy maglumatlary alyşmak, halkara forumlary, maslahatlary we okuwlary geçirmek arkaly daşky gurşaw meseleleriniň çözgüdine goşant goşmagy göz öňünde tutýar.

**Hereket ediş möhleti:** 5 ýyl hereket edýär we öz-özünden uzaýar.